# Ýör gideli…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýör gideli… ÝÖR GIDELI…

Ýör gideli Guşlygaýañ etegne,
Aýlanaly «Ýekedaban» jeňňelin.
Gabygny meňzedip hokgaň petegne,
Torañňylar otyr tylla teňňeli.

Mesirgän erkege meňzeş däl Murgap,
Bulançak suw dolduranok hanasyn.
Ak jerenler gaçyp atýar usurgap,
Ganhorundan gorap türpe balasyn.

Pürün döken ýylgynlaryň çybygy
Ýöränđe dyzyňa degýär şapylap.
Howply öňki güzer ýeriň läbigi,
Ajymtyk ys burna urýar hapylap.

Gaýañ ýüzündäki gadymy gowak
Penalaýar baýguş bilen gyrgyny.
Towşanyň salparan gulaklarna bak,
Ýaza ýetjek bolup görýär görgüni.

Demir çişe dönüp gitdi syzalar,
Bir günde ýyrtylýar täzeje köwüş.
Gyş pasly,
Gar-a däl, nemem syzanok,
Ýagaýsa nädersiň bir damja ýagyş?!

Beýle husyt bolar eken tebigat!
Azajyk!
azajyk gyýylýar ýürek.
Gözellik isleýär sabyr-kanagat,
Maksada ýetmäge erjellik gerek!

Alty AKMÄMMEDOW.

# edebiyatwesungat_81 Goşgular